# Sumbar goşgulary

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sumbar goşgulary



■ SUMBAR
Men Sumbarda dogulanma begenýän,
Erikler, çyg çöken çaýyrly peller…
Gamyşa, ak selmä, maýsa bürelýän,
Pazyly aralap öwsende ýeller.

Bu topraga zamça ysyn küketse,
Bilbiller jan berer gülüň yşgynda.
Älem-jahan bagy-bossan, owadan,
Eziz mekan, jennetmiň ýa aslynda.

Her pasyl müň öwser daraýy baglar,
Älem reňkleri senden aldymy.
Gören bendeleriň gözleri galan,
Eziz Sumbar, sen umytlaň aýdymy.

Sende dogulanma juda begenýan,
Sende galsam biri bolup durnalaň.
Ya-da erte adam bolup, yz goýsam,

Şonda adym hökman Sumbarly bolar.

Awgust 1960.

■ SUMBARYÑ GÜÝZI

Eziz Alla ähli reňkin bu dünýäň,
Eňteripdir erikleriň üstünden.
Ýapraklar çaýyrly ýere dökülýär,
Beýik baglaň saýasynda üsgürseň.

Bu baglar, bossanlar indi eňňere,
Güýz sakçylyk edýär, oturyp pynhan.
Okly kirpi geçip barýar jeňňele,
Gökde guwlar uçup barýar howlukman.

Sary ýapraklaryň, üstünde çaýryň ,
Bir salym saklandym, dyzymy epdim.
Gara daglaň äpet meňzinden aýryp,
Ýaşly didäm bilen didaryň öpdüm.

Ömrümde şu pursat çekmedim arman
Oňa häzir tapylanok bahana.
Men senden müň sapar razy, Allam,
Şu toprakda inderenňe jahana…

…Çeşmeleň dutaryn çalýar gussaly,
Tanyş owaz gelýär jeňňelleriňden.
Sumbar, öňem gözelligiň nusgasy.
Güýz has gözel, töre düşen gelin deý…

Noýabr 1964.

■ GARAGANLY OBASY

Ine, doglan öýüm, şol tanyş armyt.
Dädemiň yzyny gördüm ýodada.
Bu eziz ýerleri ýat etdi ýazgyt,
Şundan eziz zat ýok eken adama.

Hemem adam ýaly binamys, namart,
Bolmajak ekeni dünýäň ýüzünde.
Biz taşlap gitsegem saklap otyrsyň,
Keramaty Garaganlyň düzünde.

Ine bu gün şahyr bolup dolandym,
Meniň çagalygmyň sylyp gözýaşyn
Otyrsyň,  eý obam, eziz doganym,
Dünýäde ýeketäk köňül syrdaşym.
Men seniň başyňa gurban bolaýyn.

Biz ýene gideris, galarsyň
Urşa gidenleriň enesi ýaly.
Soň bir gün  her  ogluň nyrhy soralsa,,
Diňe sen kesersiň adyl bahany.
Garaganly obasy.

Awgust, 1964.

■ ÖWLÜÝÄ

Ýada düşýär, ejem bilen eşekli,
Saňa ýykylmaga giden çagymyz.
Başyna daňynyp gara seçekli,
Ejem maňa ýaş dilärdi, agyly.

Alladan soň hossar bolan ekeniň,
Eý Molladurdy jan, keremli öwlüýä.
Aýyr bagra çümen hasrat tikenin,
Bu gün aglap togap edesim gelýä…

Şükür oglanlykdan saýlandym bu gün,
Zyýarata geldim, diýeýin derdim.
Sen hakyň ilçisi,  täleýim çüwüp,
Hak maňa şahyrlyk patasyn bersin.

Men Allamdan başga näme diläýin,
Keremiňe, ruhuňa bulandym.
Ýat ýerlerde  bolsa çyrkim, günähim,

Eziz öwlüýäm,sen arkamda duransyň.

Awgust, 1964.

■ MEN SUMBARY NARY ÜÇIN SÖÝEMOK

Men Sumbary nary üçin söýemok,
Başga bir hikmet bar ýürekde, serde.
Atalaň umydy watana dönüp,
Ruhum yralap, goýup ýör derde.

Olar zemin bolup galan däl munda,
Olar umytlaryň ganaty bolup,
Şatlygy janymda, gamy derdimde,
Bize ömür paýlar saralyp, solup.

Bahar badam bolup güllerin açyp,
Güýz  gyrmyzy nara dönüp galandyr.
Soňam durna bolup, zar çekip uçup,
Kümüş suw çaýlaňa dolup galandyr.

Sumbaryň baglary,çeşmesi, çaýy,
Ruhumyň näzikligniň nagmasy.
Gaşym çytsam gaýdar olaň raýy,
Ýeňles tursam öçer gider namasy.

Her nary-alawdyr, kalpda sönmeýän,
Jigerimiň pudagyna düzülen.
 Sumbar seni naryň üçin söýmeýän,
Bir  gunçaň  terpense, janym üzüler.

Ýanwar, 1966.

■ NAR AGAJY

Serwi boýly, nar agajym,
Neçin ýüzüň salyk seniň.
Başga baglar güller açyp,
Otyr, misli şaýly gelin.

Gül-gunçalaň düzüm-düzüm,
Gül-ä açdyň, naryň hany.
Sargaryp solupdyr ýüzüň,
Derdiňi diý, zaryň hany.

Dostlaryň dönük çykdymy,
Paş boldumy ile syryň.
Täleýiň gaşyn  çytdymy,
Ýüzün sowdumy dilberiň.

Aglasam men aglamaly,
Umyt köýdi, nar agajym.
Depämden guýulmyş doly,
Pelek dikmiş dar agajyn.

Silkin, tur, güllet genjiňi,
Bagyň nar bermän galmasyn.
Getir, alaýyn derdiňi,
Janyňda arman galmasyn.

Dekabr, 1966.

■ DAGLAR

Göge ýetmiş belent başyň,
Galkandyr gaýalaň, daglar.
Seni ýaradan ýalkanmyş,
Arslan-şir saýalan daglar.

Deräňde sonarlar keýik,
Gülüň çürter beýit-beýit,
Ýaz daraýy donuň geýip,
Güýzüne söýülen daglar.

Gaplaňlar gezer zawuňda,
Şirligin synap awunda,
Mert ýigit jeňde awunsa,
Synasy döwülen daglar.

Dertlere emdir  şemalyň,

Didäme emdim jemalyň,
Mähribanym, niçik, halyň,
Gözýaşa ýuwulan daglar.

Goýnuňdan öter balalaň,
Gamdan umydy talanan,
Hasratdan meňzi saralan,
Bazary sowulan daglar.

Heňňam geler, geçer heňňam,
Ne aglan galar, ne güllän,
Ýaraşygy däli dünýäň,
Synasy oýulan daglar.

Oktýabr, 1966.

## ■ ÝENE-DE GÜÝZ GELDI

Ýene-de güýz geldi gözel Sumbara,
Älemgoşar parlap çykdy baglara.
Baglar meňzeş garagözli dilbere,
Çeşmeleri hüwdä çümüp aglaýa.

Säher näzikligi ornapdyr alma,
Narlar lowlap dideleňi ýakyp dur.
Dünýäň ähli gözelligini, Alla,
Sumbaryň egnine serpaý ýapypdyr.

Baglaryň üstüne çöküpdir duman,
Bark urup dur ömür, eşret, dirilik,
Ýürek şu ýerde-de gysýa, howlugýar,
Uçsam diýýär, durnalara birigip.

Sarylyga çümüp barýar bag – bossan,
Bu näziklik älemine sygmaýan,
Aňyň göterenok bu bolşy asla,
Duýgulaň dartylyp,iniň dyglaýar.

Ýene-de güýz geldi, eziz Sumbara,
Asman- zemin güýzüň ruhuny emýä,

Kem-kem  bar zat sowlup, bar ýer eňňere,
Ah, bu güýzi biraz saklasym gelýär.

Oktýabr, 1966.

■ GARGALARYÑ GOHY ARTÝAR…

Sumbara ýene-de dolanyp geldi,
Gargalaryň toplum-toplum kowçumy.
Gara baglar olaň şalygy indi,
Olar töre geçýär aýrman köwşüni.

Bu baglarda eýemsireýär olar,
Asyl ürkenogam, adama daga.
Güýzüň şu pursaty gelýär gargalar,
Başga guşy gondyrmazlar pudaga.

Olar şeýle erkin, şeýle bir hekem,
Göýa mirasy geý bu güýz, bu bossan,
Gargalaň şalygy irizjek eken,
 Goh bilen nejasat ýer ,ýurt, asman.

Gargalaryň gohy artýar gün-günden,
Tohum seplen ýeri eýläp eňňere,
Gargaň ysy gelýär ýeriň süňňünden,
Bar ýerde gargalar gurýar deňňene.

Herne , ähli zadyň   müddeti bolýar ,
Gargalaram gitdi, gohuny ýygnap.
Indi baglaň uçup gidesi gelýär,
Güýz  otyr bir künçde, äleme sygman.

Noýabr, 1966.

■ SUMBARYÑ ÝOLLARY

Sumbaryň ýollary juda owadan,
Alyslara alyp gidýär, getirýär.
Aňa öwrüp, ýatlamalaň gowusyn,
Ýamanlygyň ruhuny öçürýär.

Sumbaryň ýollary ömür unutmaz,
Balasynyň basyp giden gadamyn.
Käte ak damjasyn seçse bulutlar,
Ak ýollaryn dilär otyr gideniň.

Sumbaryň ýollary durşuna gözdür.
Yzlaryňdan tanar niýetiň, pälin,
Bu ýollaň köňlünde özümi gördüm,
Hemem gaýgy-gussasyny dünýäniň.

Men giderin,  ýollar meni ugradar,
Iň soňky menzile, iň soňky pellä.
Eý,mähriban Sumbar, ýollar, ýodalar,
Gitsem ýene gaýdyp gelesim gelýä…

Mart, 1967.

## ■ SUMBAR PEÝZAŽY

Pehjirämiň öňi gyrmyzy bägül,
Soň baglyk,  gök jülge,  hemem gök asman.
Çeşmeler gyjyklap ýüregiň bagyn,
Ak bulutly gögi bagryna basýar.

Kümüş akýar gadym daglaň boýnundan,
Tylla güneş ogşap, ogşap oýnaýar.
Badam dülläp, ene ýeriň goýnundan,
Öwsýän müşki ysgap-ysgap doýmaýan.

Aram- aram argyn şemal  bir  ýerden ,
Alyp geýär käkilikleň jyk-jykyn.
Eý , adamlar, açylyň siz heserden,
Bu keremli sähra seýrana çykyň.

Görüň, tebigaty, çykyp seýrana,
Dereler güllerden ot bolup ýanýar.
Şeýle gözelligi sensiz synlanma,
Şeýle bir, şeýle bir gynanýan, dünýäm.

Oktýabr, 1970.

■ SUMBARYÑ NARY

Sumbar seniň gyrmyz gabyk enaryň,
Uly gyzlaň näzik ýaňagymy ýa.
Seň dury çeşmeleň, jennet kenaryň,
Hakyň yşka düşüp, ýazanymy ýa.

Gelinleň ýakada bagyjygy deý,
Baharda gotazdan doludyr gülleň,
Seniň näzik serwi didaryň göreý,
Her kim ýada  salar söwer dilberin.

Gotazlar şemala ykjan çagynda,
Ýazyň ýeli darar gülüň, seçegiň.
Men seniň didaryň saklap bagrymda,
Seniň bu görnüşiň küýsäp geçerin.

Sumbar seniň gyrmyz gabyk enaryň,
Çagalykdan aýdym edip söýdüm men.
Indem seniň ýaňagyňda eräýin,
Saňa gurban bolsun  goşgym, aýdymlam.

Iýun, 1971.

HASAR DAGYNA ÝÜZLENME

Seni namys-ara deňäp ýazdylar,
Seni jomart äre deňäp ýazdylar.
Gün doganda seniň kümüş ýalçylaň,
Bulakdan gülýaka ýasap ýaldyrar.

Gün dogsa nuruny ýüzüňe sylyp,
Aý dogsa ýalkymy saňa döküle.
Bahar elwan gülleň  düýşüne girip,
Oturansyň baky  düşüp çöküňe.

Kimler pena islär, kim yzlar awun,
Barysyna açykdyr giň gujagyň.
Seniň atalardan galan bu däbiň,
Öwürsediň köňlüň altyn açarna.

Şahyr şahyrlygňa gelse salama,
Mertler dyza çöküp, egende başyn.
Ah, namartlar  sirke seper ýaraňa,
Peleňler  barsalar merdemsi basyp.

Seni ar –namysly, gazaply, hyrsyz,
Merdana deňeýär ýazanlaň bary,
Sen bolsa mähriban garap otyrsyň,
Göwni giň, buýsançly eneler ýaly.
Hasar dagy.

Awgust, 1971.

■ AÝDERÄNIÑ AGŞAMY

Ýyldyzlar çykypdyr  başyna daglaň,
Öz dilinde mukam çalýar bulaklar.
Bu ýerde köp bolýar ukudan galan,
Üýtgeşik duýgular dömýär ýürekde.

Kerkaw çöplemesi ýanýan ojakdan,
Ýalkym syçrap , hol gaýada oýnaýar.
Tämizlik dünýäsi seriň gujalkap,
Garnyň doýanda-da, köňlüň doýmaýar.

Dagly goja gürrüň berip geçmişden,
Kesew bilen kerkaw közüni dörýär.
Iniň dyglap bu mesawy teşwişden,
Bu gije jadyly ertekä dönýär.

Unudýarsyň gün-güzeran dünýäsin,
Salkynlyk şypasy  misli bir derýa.
Aýderäniň ne ajaýyp howasyn,
Gantly çaý içen dek içesiň gelýär.

■ SUMBARLY GYZLAR

Çehoslowakiýada geçirilen Bütindünýä festiwalynda baş baýragy alyp gelen obadaşlaryma bagyşlaýaryn.

Sumbarly gyzlaryň kakýan lälesi,
Şatlygy, hüwdüsi Sumbarly enäň.
Olaryň gözýaşy,  zandy , näleti,
Akyp dur dideden, kalbyňy eläp.

Durnalara meňzeş, guwa meňzeýär.
Şatlygy, hüwdüsi, Sumbarly enäň.
Ony diňläp, pygly heňe gelmýän,
Ýürekler gozganar, duýgular erär.

Gözel gyzlar dümmürdedip düwmesin,
Uzak illeň ýaýla çümen kentlerin.
Oda salyp bu gowgaly dünýesin,
Tenekary bolup bitmez dertlerin.

Sumbarly enäniň, mähriban enäň,
Näzik hüwdüsini aýdyp geldiler.
Dünýä dynçlyk diläp,  salamat diläp,
Ýene eziz ile gaýdyp geldiler.

Ýatlap Karkarany, Babagambary,
Boýunlarna durna düzüp, guw düzüp,
Uzak ile aýladylar Sumbary,
Hem gadym eneleň gamgyn hüwdüsi.

Görseler olaňam hüwdüsi şoldy,
Ýöne olar ýitiripdir baryny.
Şeýle görülmedik şagalaň boldy.
Olar diňleý gadymýetiň zaryny.

Onsoň baýrak näme, dünýäniň ýaryn,
Berjek olar. Ýitmän eken yzlary.
Eneleň hüwdüsin, dünýäň ýazyny,
Şeýdip, dünýä ýaýdy, Sumbar gyzlary.

26.10.1980.

■ HÄZIR GÜÝZ BOLSADY, SUMBARYÑ GÜÝZI

Häzir güýz bolsady, Sumbaryň güýzi,

Saralan maýsalaň gulpagy bilen,
Topugyňy darap-darap gitsediň.
Aýagyň astynda pyşyrdap ýatan,
Saralan ýapraklaň pyşyrdysyndan,
Köňli girýan, haly harap gitsediň.

Häzir güýz bolsady,
Şol keremli güýz,
Ähli keramatyn alnyňa sylyp,
Sahawatyn diläp-diläp gitsediň.
Babalardan galan, bizdenem galjak,
Sary baglaň,  mawy gögüň meňzine,
Sary ýag deý eräp, eräp gitsediň.

Bah, häzir güýz bolsa,
Sumbaryň güýzi…

11.7.1982.

■ SUMBARYÑ BOÝUNDAN BIR ATLY BARÝAR…

Sumbaryň  boýundan bir  atly barýar,
Özem aýdym aýdýar, bir gamgyn aýdym.
"Eý Allam, jan Allam, keremli Allam,
Näme ýazygym bar, nähili aýbym…"

Säher ýapynjasyn silkdi egninden,
Maýsalar boýnyndan dürün ýygnady.
Şol ak atly ötenden soň deňinden
Obanyň gyzlary oba sygmady.

Sumbaryň boýundan bir atly barýar,
Aýdymnyň gussasy aljak janyňy.
Aýdym namasynda bark urýan arman,
Gorjaýar bagryňda sönen dagyňy,

„Eý Allam, jan Allam, keremli Allam,
Näme ýazygym bar, nähili aýbym…“
Neçin Janym alman, berenňi, Allam,

Bagtymy taladyp, ýarymy alýaň“.

Bu sözlerde bogun –bogun ataş bar,
Ýaralary açyk, ah bilen arman.
Eşiden bendeleň derdi tutaşýar,
Sumbaryň boýundan bir atly barýar.

Kim sen,  nirä barýaň, derdiň nä seniň,
Bu sowal o wagt düşenok ýada,
Her kim derdin diňläp, çykarman demin,
„Dertdeşlerem bar eken“ diýp, dünýäde.

Neçin beýle gamgyn, adymlaň dogan,
Neçin meniň  ýanan kalbym dagladyň.
Sumbaryň boýundan bir atly barýar,
Aýdym bilen  bir obany agladyp.

22.1.1991.

■ GERKEZ

Sen-indi jenneti, gadymy Gerkez,
Syratda güwäçiň, Pyragy bolar.
Seniň ýedi arkaň ýamanlyk görmez,
Diýsem beýik Taňram razy bolar.

"Ol merdiň ogludyr, mertdi pederi…"
Türkmeniň köňlüdi onuň zybany.
Göterse-de beterinden beteri,
Ili üçin agtarmandy, zyýany.

Elleri pelegiň ýakasyndady,
Ynsan üçin, namys üçin, ar üçin.
Püşeşi reda, dony jindedi,
Ýaralsa-da, şalyk üçin, han üçin.

Bir gün gelip, ýaka tutdy şum pelek,
Peder diýip, gardaş diýip, ýar diýip,
Derman gerek, Lukman gerek, nan gerek,
Gürzüsin aldyrdy Rüstem Zal deýin.

Oň bentleri aýdym däldir, agydyr,
Türkmen ahy-zaty, türkmen oň derdi,
Ol türkmeniň ýüreginiň bagydyr,
Onsuz türkmen kowmy ýiter giderdi.

Bu jahana Pyragy kän gerekmi,
Giň äleme ýeke Pyragy besdir,

Eý, Gerkez, saçagyň bolsun çörekli,
Ýamanlyk ýüzüni görmesin, nesliň.

25.10.1991.

■ GARRYGALA

Gara şahyryň äheňinde

Durnalar ötende neçin aglaýar,
Seniň üstüňde.
Gije Aý säginýär, Neçin aňmaýan,
Seniň üstüňde.

Ýatyr çylgym bolup, glalaň yzy,
Ýatyr namys yzy, halalyň yzy,
Oýuk-oýuk, göz-göz ýaranyň yzy,
Seniň üstüňde.

Lebzin pygambere deňänler ýatyr,
Bu ili ganyma bermänler ýatyr,
Türkmeni bir julba jemlänler ýatyr,
Seniň üstüňde.

Bahar elwan läle degräň, her ýanyň,
Ülgüsi deý, ar diýp seçilen  ganyň,
Torgaý guş saýraýar kimiň armanyn,
Seniň üstüňde.

Bu gün il abadan, doly saçagyň,
Käbe deý sen, gunçalarynaçanym,
Guý, al şerap, saglygyňa  içeýin,

Seniň üstüňde.

Erte hasam çuňar köküm, özenim,
Ölsem bir gün il-gün diýip ölerin,
Islegi şol, Nepes ogly Öweziň,
Seniň üstüňde.

Durnalar ötende pynhan aglaýar,
Seniňüstüňde.
Gije  Aý säginýär, derin aňlaýan,
Seniň üstüňde.

25.10.1991.

■ GARAGANLY OBASY

Ojagyňa gömülendir göbegim,
Seňtörüňden asylandyr tir-keman.
Seni käbäm deýin küýsäp ýörerin,
Bu gowdaly ýalançyda, dirikäm.

Goýnuňda basypdym, ýörjen ädimi,
Gujagyňda duýdum, ary-heseri,
Seň goýnuňda ýandypdym, iädimi,
On birimde aldyramda pederi.

Soň bir günem, syçrap gitdik alnyňdan,
Güzerana, ölmez-ödi oňalga.
Zar-zelillik ötdi gitdi janymdan,
Käte seni düýşde görüp oýanýan.

Bir künjünde bu ümmülmez älemiň,
Juda begenýärin barlygňa, seniň,
Men gitmesem ojagyna dädemiň,
Bozlaý-bozlaý, ýene gaýdyp gelerin.

Senden özgebarjak gapym ýok indi,
Sen kalbymda gora çümüp  ýatansyň.
Imansyzam, ýaşaýan bar, görüldi,
Ýöne welin ýaşap bolmaz watansyz.

Ojagyňa gömülendir göbegim,
Seň törüňde asylandyr tir-keman.
Seni käbäm  kimin küýsär ýörerin,
Saňa ysnat getirmerin, dirikäm.

22.10.1991.

■ SUMBAR

Syrçasy gök daglaň, baglaň, öleňleň,
Dideleňde iman bolup galypdyr.
Gujagyň togap eýläp gelenler,
Zireleňdedidar bolup galypdyr.

Seň goýnuňda doglan balaň gül-pürçek,
Gyzlaryň peridir-gelinleň-näzik.
Misli, olar Aýyň tylla zülpünden,
Seniň gujagyňa düşüpdir tänip.

Agşamlrna Aý düşüpdir çeşmäňe,
Soňam süýnüp-sarkyp asmana çykar.
Gün öwrüle daglaňdaky keşdäňe,
Säher Aýy bagra basmaga çykar.

Çeşmeleňde kümüş erär gijeler,
Güýz nar däl-de, tylla seçer baglaryň.
Täze aýlar gelip goýnuňda dogar,
Köne aýlar didaryňa baglanyp,

Bakygalar sende,şonuň üçinem,
Seň gyzlaň owadan, näzik gelinleň.
Seň goýnuňda alnan ýeke agyz dem,
Şalaň süren bir ömrüne berilmez.

22.10.1991.

■ NAR GÜLI

Her sapar oýlanýan, deňiňden geçsem,
Özün güjeňläni halaman ýören,

Asylly, owadan gyza meňzeş sen.

Ajap ysy kükäp duran bu ýeriň,
Şerabyndan bir bulgury guýaryn.
Hem-de soň seni söýüp bilmejek,
Günleme deeregem seni söýerin.

4.8.1977.

■ GARAGANLY OBASY

Ak ýollarňa ýüzüm togap edenim,
Seniň boz topragyň gözleme sürme.
Howandar bol, gowşur meni ýene bir,
Çagalygmyň siltäp geçen günlerne.

Ah, bir görsem, dolanmankam kepene,
Bassadym bagryma käbäm enemi.
Men indi çydamok, zaryň çekere,
Küýseý-küýseý ömür salym eredi.

Bu  ýalňyzlyk halys etdi, gowurdy.
Zaryň çeke ýandy ganym- damarym.
Bu gün meniň toý-meýlisim sowuldy,
Wah, ezizim, göbek ganym damanym.

Eňňere bolandyr bossanym, bagym.
Bir sen galdyň bu gowgaly ömürde.
Hyýalymda ýene saňa barýaryn,
Bir gözüm  umytda, biri ölümde.

Indi sönüp barýar ýkan çyragyň,
Seň guran minaraň çökdi dyzyna.
Mejalym ýok, ýokdur sabry-kararym,
Çaga bolup, dolanara yzyma.

Eý, ak ýolun ýüze togap edenim,
Umydym, didary jana dermanym.
Günäm bolsa, bagyşlagyn, pederim,
Razy bol, obam, ahym-armanym.

6.5.1997.

■ SUMBAR

Sen mydama umydymda, zarymda,
Didämiň köňlünde ýanyp duran sen.
Jigerimde meniň, janymda meniň,
Parlakganatyňy ýaýyp duran sen.

Sen namazlygymsyň, metjit, medresäm,
Çokaýyň çykaryp, ötmeli saňa.
Ynsabyň täretli, lebziň täretli,
Gurban bolsun dünýäň butlary saňa.

Eý, älem ýüzünde iň gymmat zadym,
Ah, Sumbarym, senden özge nämäm sen.
Umydym, şöhratym, gussam, perýadym,
Ersalymym,Medinäm sen, Käbäm sen.

Sen emri sen, keremi sen Allanyň,
Dogam sen, aýdym sen äleme sygmaz,
Görümde-de seni küýsäp aglaryn,
Mähribanym Sumbar, ezizim, Sumbar.

21.02.2002.

■ NAR AGAJY

Senem  edil, meniň ýaly uýalyp,
Tikenleriň arasynda gülleýäň.
Aşyklar arzuwlap,  isläp,guwanyp,
Senden näzik çemen bogup bilmeýär.

Gülleriňden  näzik yslar kükänok,
Şahalarňa ýaş bilbiller barmaýar,
Seret ahyr, bahar çogan gülälek,
Saňa owsun ata-ata parlaýar.

Ne agaç sen, ne tiken sen, ne  gül sen,
Menem saňa  meňzeş döredim başda.

Gamlansam-gorkýarlar, uýalýan-gülsem,
Köňül dünýäm başga, boluşym başga.

Ile meňzeş däl men şoň üçin her kim,
Halanok, gezýärler maňa gün bermän.
Bolmasa-da seniň ysyň, reňkiň,
Soň bir gün suwuňdan ýasarlar derman.

Har agjy, nar agajy, nar agaç,
Neçin gülläp bilmedim seň şahaňda.
Tikenli diýp äsgermedi her agaç,
Parlap, elwan gül açardym baharda.
Neçün gülläp galmadym men şahaňda.

■ GARAKELLI GYZ

Şu çaka çen köňül derdim ýaýmadym,
Düdä döndüm, seniň zaryňy çeke.
Ýandym, ýandym, seni küýsäp agladym,
Jahana sen diýip, gelinen eken.

Bu jahandan alyp gijek armanym,
Almadyk posalam, ýakmadyk şemim.
Men gojaldym, ýene saňa barýaryn,
Soň ýigdelip, ýene saňa gelerin.

Sen şuny unutma, ýaz geler, şonda,
Garakele toýpaý seçse bulutlar…
Hemem Sumbar däli-porhan joşanda,
Çyrpynaryn, jylawymy gyryplar.

Yhlasym şondanam müň esse kändir,
Sen ony duýmadyň, duýmarsyň arman.
Ýöne, sag bol, sen ýaşa bu dünýäde,
Sumbaryň üstünde tisginen durnam.

14.10.1996.

■ SUMBARYÑ ÜSTÜNDEN ÖWRÜLER GUWLAR…

Sumbaryň üstünden öwrülen guwlar,
Gam-hasratym, ahy-zary gördüňmi.
Heniz güllemänkä gunçasy sowlan,
Dolanmajak bahar-  ýazy gördüňmi.

Daglaryň üstünden gaýdar ýelleri,
Lälämiň läleler aýdan ýerleri,
Aýdyň, gara bagtym haçan güleýir,
Dideleri intizary gördüňmi.

Umytlarym bagrym üzre köýükdir,
Ýaryň derdi bagra ganlar öýüpdir,
Ýar yşkynda aglamazlyk aýypdyr,
Men nädeýin, namys-ary gördüňmi.

Men bilmedim, jan jigerde talandy,
Bir öpmedim ýaryň  näzik hallarny,
Ýarym, ýalka ygtybaryň galanny,
Dünýämde dikilen  dary gördüňmi.
Aýdyň, guwlar, söwer ýary gördüňmi.

24.09.1989.

Öwezdurdy NEPESOW. Goşgular